Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:
– BIZ PARAHATÇYLYGYŇ WE ADAMZADYŇ SAZLAŞYKLY ÖSÜŞINIŇ BÄHBIDINE ÖZ GOŞANDYMYZY GOŞMAGA HEMIŞE TAÝÝARDYRYS.

#43 (326)

suббота, 14 ноября 2026 года

ESASLANDYRYJY – TÜRKMENISTANYŇ DAŞARY IŞLER MINISTRLIGI

ELEKTRON GAZET 2020-nji ÝYLYŇ 1-nji AWGUSTYNDAN BÄRI ÇYKARYLÝAR

ИНТЕРНЕТ ГАЗЕТА

Международные новости



TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETINIŇ MEJLISI

13-nji noýabrda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow sanly ulgam arkaly Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisini geçirdi.

Onda döwlet durmuşyna degişli birnäçe meselelere seredildi.

Ilki bilen, Mejlisiň Başlygy D.Gulmanowa milli kanunçylygy yzygiderli kämilleşdirmek boýunça alnyp barylýan işler barada maglumat berdi.

Hormatly Prezidentimiz ýurdumyzyň kanunçylyk işini kämilleşdirmek boýunça alnyp barylýan işleri dowam etdirmegiň möhümdigini belledi. Döwlet Baştutanymyz ýurdumyzda her ýyly döwrebap atlandyrmak boýunça ýylyň şygarynyň yglan edilip, nyşanynyň kabul edilýändigini aýtdy we deputatlaryň halkymyz bilen maslahatlaşyp, täze — 2027-nji ýyla at bermek hem-de nyşanyny kesgitlemek boýunça degişli teklipleri taýýarlamalydygyna ünsi çekdi.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasarlary H.Geldimyradow, G.Agajanow, T.Atahallyýew, N.Atagulyýew degişli ugurlarda alnyp barylýan işler barada hasabat berdiler.

Soňra hormatly Prezidentimiz söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar ministri N.Agahanowy göni aragatnaşyga çagyrdy hem-de başga işe geçmegi sebäpli, ony eýeleýän wezipesinden boşatdy.

Döwlet Baştutanymyz «Türkmenpagta» döwlet konserniniň başlygy D.Süleýmanowy göni aragatnaşyga çagyrdy hem-de ony söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar ministri wezipesine belläp, konserniň başlygy wezipesinden boşatdy.

Soňra döwlet Baştutanymyz «Türkmenpagta» döwlet konserniniň başlygynyň orunbasary A.Kürtowy göni aragatnaşyga çagyrdy hem-de ony «Türkmenpagta» döwlet konserniniň başlygy wezipesine belläp, konserniň başlygynyň orunbasary wezipesinden boşatdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Seýidowa şu ýylyň 19-20-nji noýabrynda Aşgabat şäherinde Ýewropanyň Medeniýet günlerini geçirmäge görülýän taýýarlyk barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, Türkmenistanyň Ýewropa Bileleşiginiň ýurtlary bilen medeni-ynsanperwer hyzmatdaşlygy yzygiderli ösdürýändigini aýtdy we Aşgabat şäherinde Ýewropanyň Medeniýet günlerini geçirmek boýunça taýýarlanan teklibi goldap, wise-premýere degişli işleri geçirmegi tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Mämmedow Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň döredilmeginiň 35 ýyllygy mynasybetli Türkmenistanyň Ýaşlar baýragynyň gowşurylyş dabarasyny guramaçylykly geçirmek barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, ýurdumyzda ylymly-bilimli, giň dünýä-garaýyşly ýaşlary kemala getirmek boýunça netijeli işleriň alnyp barylýandygyny belledi. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyz Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň döredilmeginiň 35 ýyllygy mynasybetli Ýaşlar baýragynyň gowşurylyş dabarasyny ýokary derejede geçirmegi tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri R.Meredow Gahryman Arkadagymyzyň Türkiýe Respublikasyna amala aşyran iş saparynyň netijeleri, şeýle-de Türkmenistanyň wekiliýetiniň Pakistan Yslam Respublikasyna gulluk iş saparyna taýýarlyk görlüşi barada hasabat berdi.

Döwlet Baştutanymyz hasabaty diňläp, Türkmenistanyň dünýä döwletleri, abraýly halkara guramalar bilen köpugurly hyzmatdaşlygy ösdürmäge möhüm ähmiýet berýändigini aýtdy we Pakistanda geçiriljek Ykdysady Hyzmatdaşlyk Guramasynyň daşary işler ministrleriniň Geňeşiniň mejlisine taýýarlyk görmegiň wajypdygyny belledi. Arkadagly

Gahryman Serdarymyz Yslamabatda guraljak Ykdysady hyzmatdaşlyk boýunça bilelikdäki türkmen-pakistan hökümetara toparynyň 6-njy mejlisiniň guramaçylykly geçirilmegini üpjün etmegiň zerurdygyny aýtdy. Hormatly Prezidentimiz bu ugurda taýýarlanan resminamalara gol çekip, wise-premýer, daşary işler ministrine degişli işleri geçirmegi tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Annaýew ýurdumyzyň deňiz we derýa ulaglary pudagynyň maddy-enjamlaýyn binýadyny döwrebaplaşdyrmak boýunça alnyp barylýan işler barada hasabat berdi.

Bellenilişi ýaly, Hazar deňziniň türkmen böleginde ýüzýän milli hem-de daşary ýurt gämileriniň bökdençsiz, netijeli işledilmegini gazanmak ugrunda degişli işler amala aşyrylýar. Hususan-da, «Balkan» gämi gurluşyk we abatlaýyş zawody» açyk görnüşli paýdarlar jemgyýetiniň binýadynda deňiz gämilerini gurmak hem-de abatlamak hyzmatlaryndan başga-da, gämileri döwrebaplaşdyrmak, olary tehniki taýdan gözegçilikde saklamak hyzmatlary ýola goýuldy.

Hormatly Prezidentimiz, başga işe geçmegi sebäpli, B.Annaýewi Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary wezipesinden boşatdy.

Soňra döwlet Baştutanymyz demir ýol ulaglary ministri M.Akmämmedowy göni aragatnaşyga çagyrdy we ony Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary wezipesine belledi.

M.Akmämmedow özüne bildirilen uly ynam üçin hormatly Prezidentimize tüýs ýürekden hoşallyk bildirip, täze wezipede gujur-gaýratyny gaýgyrman işlejekdigine ynandyrdy hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyza berk jan saglyk, uzak ömür, döwletli işleriniň rowaçlyklara beslenmegini arzuw etdi.

Hormatly Prezidentimiz M.Akmämmedowa täze wezipede üstünlikleri arzuw etdi.

Mejlisde döwlet durmuşyna degişli başga-da birnäçe möhüm meselelere seredildi we olar boýunça degişli çözgütler kabul edildi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň sanly ulgam arkaly geçirilen mejlisini jemläp, oňa gatnaşanlara berk jan saglyk, maşgala abadançylygyny, berkarar Watanymyzyň gülläp ösmegi ugrunda alyp barýan işlerinde uly üstünlikleri arzuw etdi.

ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ ПРЕЗИДЕНТА РЕСПУБЛИКИ ПОЛЬША

Президент Сердар Бердымухамедов направил сердечные поздравления и наилучшие пожелания Президенту Республики Польша Каролю Навроцкому и народу страны по случаю Дня национальной независимости Республики Польша.

Пользуясь представившейся возможностью, глава государства адресовал Президенту Каролю Навроцкому искренние пожелания крепкого здоровья и счастья, а народу Республики Польша – мира, прогресса и процветания.

ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ВЫРАЗИЛ СОБОЛЕЗНОВАНИЯ ПРЕЗИДЕНТУ ТУРЕЦКОЙ РЕСПУБЛИКИ

Президент Сердар Бердымухамедов направил глубокие соболезнования Президенту Турецкой Республики Реджепу Тайипу Эрдогану в связи со взрывом на заводе в городе Измир, приведшим к человеческим жертвам и увечьям.

От имени народа и Правительства Туркменистана, а также от себя лично глава государства выразил искренние соболезнования и слова поддержки родным и близким погибших в этот трудный момент, а также пожелания скорейшего выздоровления пострадавшим.



ЗАВЕРШИЛСЯ РАБОЧИЙ ВИЗИТ ГЕРОЯ-АРКАДАГА В ТУРЕЦКУЮ РЕСПУБЛИКУ

11 ноября 2026 года Национальный Лидер туркменского народа, Председатель Халк Маслахаты Туркменистана Гурбангулы Бердымухамедов во второй день рабочего визита в Турецкую Республику принял участие в Саммите лидеров в рамках 31-й Конференции сторон Рамочной конвенции Организации Объединённых Наций об изменении климата (COP31).

В форуме приняли участие главы государств и правительств, министры из около 200 стран, а также руководители международных организаций, эксперты в сфере экологии, представители бизнес-кругов и гражданского общества.

На повестку дня конференции были вынесены вопросы, связанные с продовольственной безопасностью, сельским хозяйством, энергетикой, здравоохранением, транспортом, торговлей и финансами, научно-образовательной сферой, промышленностью, технологиями.

Предметом обсуждения также стали укрепление национальных обязательств по устойчивому развитию городов и сокращение выбросов, реализация ранее достигнутых договоренностей, социально-культурные программы.

В выставочном центре «Antalya EXPO Center» Героя-Аркадага радушно приветствовали Генеральный секретарь ООН Антониу Гутерриш и Президент Турецкой Республики Реджеп Тайип Эрдоган и совместно сфотографировались.

По завершении церемонии официального фотографирования глав делегаций, участвующих в Саммите, состоялось открытие 31-й Конференции сторон Рамочной конвенции ООН об изменении климата.

Начало работы форума предварили выступления деятелей культуры и мастеров искусств Турецкой Республики, а также были продемонстрированы видеоролики.

Тепло поприветствовав участников конференции, Генеральный секретарь Организации Объединённых Наций Антониу Гутерриш отметил значение форума в контексте решения актуальных задач современной эпохи. Подчеркнув, что климат меняется быстрее, чем принимаются меры, Генсек ООН призвал мировое сообщество перейти к более эффективным практическим шагам.

В прозвучавших докладах акцент был сделан на выполнении национальных обязательств, связанных с изменением климата, и вопросах перехода к экологически чистым источникам энергии. Предметом детального обсуждения стали такие темы, как внедрение стандартов циркулярной экономики и принципов безотходной промышленности, сокращение выбросов метана в окружающую среду.

Выступая на пленарном заседании Саммита лидеров, Национальный Лидер туркменского народа прежде всего поблагодарил Президента Турецкой Республики Реджепа Тайипа Эрдогана за приглашение принять участие в 31-й Конференции сторон Рамочной конвенции ООН об изменении климата, а также оказанное гостеприимство и высокий уровень организации нынешнего международного мероприятия. Как подчёркивалось, Туркменистан рассматривает данный форум в качестве важного шага в деле укрепления взаимного доверия по вопросам изменения климата, превращения глобального климатического диалога в движущую силу мирового развития.

В этой связи Герой-Аркадаг отметил, что Туркменистан в соответствии с Национальной климатической стратегией, твёрдо привержен выполнению международных обязательств, вытекающих из Рамочной конвенции ООН об изменении климата и Парижского соглашения.

Выступление Героя-Аркадага было заслушано с большим вниманием.

По завершении программы рабочего визита в Турецкую Республику, Национальный Лидер туркменского народа направился в международный аэропорт города Анталья, откуда отбыл на Родину.

* * *

Представленный в рамках очередной 31-й Конференции сторон Рамочной конвенции ООН об изменении климата национальный павильон Туркменистана стал свидетельством проводимой в Туркменистане масштабной деятельности в сфере охраны природы и борьбы с изменением климата.

ВСТРЕЧА ПРЕДСЕДАТЕЛЯ ХАЛК МАСЛАХАТЫ ТУРКМЕНИСТАНА С ПРЕЗИДЕНТОМ ТУРЕЦКОЙ РЕСПУБЛИКИ

10 ноября 2026 года в рамках рабочего визита в Турецкую Республику Национальный Лидер туркменского народа, Председатель Халк Маслахаты Туркменистана Гурбангулы Бердымухамедов встретился с Президентом Реджепом Тайипом Эрдоганом.

Тепло приветствуя высокого туркменского гостя, глава Турции выразил Герою-Аркадагу признательность за принятое приглашение, и, пользуясь возможностью, передал сердечные приветствия и наилучшие пожелания Президенту Сердару Бердымухамедову.

Поблагодарив за оказанное гостеприимство, Национальный Лидер туркменского народа также передал Президенту Реджепу Тайипу Эрдогану тёплые слова приветствия от Президента Туркменистана.

В продолжение встречи подчёркивалось, что межгосударственный диалог успешно развивается в политико-дипломатической, торгово-экономической и культурно-гуманитарной сферах. Укрепляя разноплановое партнёрство, Туркменистан и Турция руководствуются принципом «Одна нация – два государства», что служит прочным фундаментом для эффективного взаимодействия

(Окончание на 3-й стр.)

ВСТРЕЧА ПРЕДСЕДАТЕЛЯ ХАЛК МАСЛАХАТЫ ТУРКМЕНИСТАНА С ПРЕЗИДЕНТОМ ТУРЕЦКОЙ РЕСПУБЛИКИ

(Начало на 2-й стр.)

в двустороннем и многостороннем формате.

Как отметил Герой-Аркадаг, ключевую роль в расширении плодотворных торгово-экономических и культурно-гуманитарных связей играют взаимные визиты, встречи и переговоры на высшем уровне.

Подчеркнув, что оба государства вносят вклад в решение актуальных для мирового сообщества вопросов, в частности, в области укрепления международного мира и безопасности, обеспечения устойчивого развития, Национальный Лидер туркменского народа поблагодарил турецкую сторону за неизменную поддержку нейтрального внешнеполитического курса Туркменистана и выдвигаемых им инициатив в рамках ООН и других авторитетных организаций.

Говоря о двустороннем торгово-экономическом партнёрстве, Герой-Аркадаг отметил, что Турция занимает одну из лидирующих позиций во внешнеторговых отношениях Туркменистана.

В завершение Национальный Лидер туркменского народа, Председатель Халк Маслахаты Туркменистана Гурбангулы Бердымухамедов и Президент Турецкой Республики Реджеп Тайип Эрдоган пожелали друг другу крепкого здоровья и больших успехов в ответственной государственной деятельности, а братским народам обеих стран – мира, благополучия и процветания.

По окончании встречи состоялся совместный ужин Национального Лидера туркменского народа Героя-Аркадага и Президента Турецкой Республики Реджепа Тайипа Эрдогана.



NATIONAL LEADER OF THE TURKMEN PEOPLE MEETS WITH THE HEAD OF ÇALIK HOLDING

On 10 November 2026, as part of his working visit to the Republic of Türkiye, Hero-Arkadag met with Ahmet Chalık, Chairman of the Board of Directors of Çalik Holding.



Expressing his sincere appreciation for the time dedicated to the meeting, the businessman noted that the current visit of Hero-Arkadag to Türkiye and his participation in the 31st session of the Conference of the Parties to the United Nations Framework Convention on Climate Change constitutes an important event in the history of interstate relations.

The National Leader of the Turkmen People expressed satisfaction with the dynamic development of bilateral cooperation, which encompasses various sectors, particularly energy, the textile industry and construction.

Referring to the adoption of the National Strategy for the Industrial Development of Turkmenistan for 2030–2045, Hero-Arkadag expressed confidence that Turkish companies would make a significant contribution to its implementation.

The head of Çalik Holding expressed his sincere gratitude to Hero-Arkadag and Arkadagly Hero Serdar for the opportunities created in their historical homeland, Turkmenistan, for the activities of representatives of the Turkish business community.

Expressing his deep appreciation for the trust placed in his company, the businessman also noted that participation in major infrastructure projects being implemented in Turkmenistan was a great honor for the company he heads.

At the conclusion of the meeting, Ahmet Chalık, Chairman of the Board of Directors of Çalik Holding, assured that Turkish partners would continue to fulfil their commitments responsibly, ensuring the timely and high-quality completion of works at the facilities entrusted to them.

GAHRYMAN ARKADAGYMYZ “RÖNESANS HOLDING” KOMPANIÝASYNYŇ ÝOL BAŞÇYSY BILEN DUŞUŞDY

2026-njy ýylyň 10-njy noýabrynda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Türkiýe Respublikasyna iş saparynyň çäklerinde “Rönesans Holding” kompaniýasynyň müdiriýetiniň başlygy Erman Ylyjak bilen duşuşdy.



Işewür duşuşmaga döredilen mümkinçilik üçin Gahryman Arkadagymyza tüýs ýürekden hoşallygyny beýan edip, Türkiýäniň işewür toparlarynyň Türkmenistan bilen özara bähbitli gatnaşyklary ösdürmäge uly gyzyklanma bildirýändiklerini aýtdy.

Erman Ylyjak ýurdumyzda amala aşyrylýan durmuş-ykdysady özgertmeleriň Gahryman Arkadagymyzyň parasatly we öňdengörüjilikli başlangyçlaryny mynasyp dowam etdirýän hormatly Prezidentimiziň başlygynda uly üstünliklere beslenýändigini aýtdy.

Duşuşygyň dowamynda işewürlik ugry boýunça köpýyllyk netijeli hyzmatdaşlygyň söwda-ykdysady gatnaşyklary giňeltmäge, onuň mümkinçiliklerini durmuşa geçirmäge uly goşant goşýandygy bellenildi. Ýurdumyz durmuş-ykdysady ösüşiň uzak möhletleýin strategiýasynyň çäklerinde ykdysadyýeti diwersifikasiýalaşdyrmaga, senagaty ösdürmäge we infrastrukturany döwrebaplaşdyrmaga aýratyn üns berýär.

Erman Ylyjak Gahryman Arkadagymyz bilen Türkiýede duşuşmagyň özi üçin uly mertebedigini aýdyp, “Rönesans Holding” kompaniýasynyň Türkmenistan bilen hyzmatdaşlygy ösdürmegi maksat edinýändigini we munuň üçin bar bolan mümkinçiliklerini hem-de tejribesini ulanmaga taýýardygyny tassyklady hem-de ýolbaşçylyk edýän düzümininiň özüne bildirilen ynama tüýs ýürekden buýsanýandygyny aýratyn nygtady.

Şeýle-de işewür hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň tagallalary bilen Türkmenistanyň hem-de Türkiýäniň arasyndaky gatnaşyklaryň has-da pugtalandyrylýandygyny aýtdy.

Duşuşygyň ahyrynda Erman Ylyjak türkmen-türk hyzmatdaşlygynyň meselelerine üns berýändigi üçin Gahryman Arkadagymyza hem-de hormatly Prezidentimize çuňňur hoşallygyny bildirip, “Rönesans Holding” kompaniýasynyň hyzmatdaşlyk borçnamalaryny ýerine ýetirmekde ähli tagallalary etjekdigine ynandyrdy.

СОСТОЯЛАСЬ ВСТРЕЧА ГЛАВ ВНЕШНЕПОЛИТИЧЕСКИХ ВЕДОМСТВ ТУРКМЕНИСТАНА И ТУРЦИИ

11 ноября 2026 года на полях 31-й Конференции сторон Рамочной конвенции ООН об изменении климата в Анталье состоялась встреча Заместителя Председателя Кабинета Министров, Министра иностранных дел Туркменистана Рашида Мередова с Министром иностранных дел Турецкой Республики Хаканом Фиданом.



В ходе встречи были обсуждены вопросы, связанные с дальнейшим развитием отношений двух стран в политической и других сферах.

В этом контексте особо была подчеркнута значимость политического диалога между двумя странами на высшем государственном уровне.

Стороны обсудили возможность организации визитов на высшем и высоком уровнях в 2027 году.

Главы внешнеполитических ведомств отметили эффективное взаимодействие обоих государств в рамках международных организаций, прежде всего Организации Объединенных Наций, Организации Исламского Сотрудничества и Организации Тюркских Государств.

Одновременно с этим, рассмотрена возможность наращивания партнерства в других многосторонних форматах, участниками которых являются Туркменистан и Турецкая Республика.

COP31-IŇ ÇÄKLERINDE TÜRKMENISTANYŇ DAŞARY IŞLER MINISTRINIŇ HALKARA WE SEBIT GURAMALARYNYŇ ÝOLBAŞÇYLARY BILEN DUŞUŞYKLARY

2026-njy ýylyň 12-nji noýabrynda Türkmenistanyň Daşary işler ministri Raşid Meredow Birleşen Milletler Guramasynyň Howanyň üýtgemegi baradaky Çarçuwaly konwensiýasyna gatnaşyjy taraplaryň 31-nji maslahatyna (COP31) gatnaşmagynyň çäklerinde, Türkiýe Respublikasynyň Antalýa şäherinde halkara we sebit guramalarynyň ýolbaşçylary bilen birnäçe duşuşyklary geçirdi.

Yslam dünýäsiniň Bilim, ylym we medeniýet meseleleri boýunça guramasynyň (ISESCO) Baş direktory Salim Muhammed Al-Malik bilen geçirilen duşuşygyň dowamynda bilim, ylym, medeniýet, daşky gurşawy goramak we durnukly ösüş ulgamlarynda hyzmatdaşlygyň häzirki ýagdaýy hem-de ony ösdürmegiň geljekki mümkinçilikleri ara alnyp maslahatlaşyldy.

Duşuşykda Türkmenistanyň 2026-njy ýylda ISESCO-da syncy döwlet derejesine eýe bolmagy bilen baglylykda, Gurama bilen amaly hyzmatdaşlygy giňeltmäge aýratyn üns berildi. Bu ýagdaý bilelikdäki taslamalary we başlangyçlary durmuşa geçirmek üçin täze mümkinçilikleri açýar.

Geçirilýän halkara howa maslahatynyň gün tertibiniň çäklerinde howanyň üýtgemegi bilen bagly meseleler boýunça halkara hyzmatdaşlygy pugtalandyrmak, ylmy barlaglary ösdürmek, häzirki zaman ekologik tehnologiýalary ornaşdyrmak we hünärmenleriň mümkinçiliklerini ýokarlandyrmak meseleleri boýunça pikir alşyldy.

Şeýle hem medeni mirasy gorap saklamak, bilim we ylym ulgamlarynda hyzmatdaşlygy ösdürmek, tejribe we öňdebaryjy iş usullary bilen alyşmak meseleleriniň ähmiýeti bellenildi.

Duşuşygyň netijeleri boýunça Türkmenistan bilen ISESCO-nyň özara gyzyklanma bildirilýän ugurlarda hyzmatdaşlygyny mundan beýläk-de pugtalandyrmaga taýýardyklary tassyklanyldy.

* * *

BMG-niň az ösen döwletler, deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler hem-de ösüp barýan kiçi ada döwletler boýunça Ýokary wekiliniň wezipesini wagtlaýyn ýerine ýetiriji Roland Mollerus bilen geçirilen duşuşykda 2025-nji ýylyň 5–8-nji awgusty aralygynda «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda geçirilen Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan ýurtlar boýunça üçünji maslahatynyň (LLDC3) jemleýji resminamalarynyň amaly taýdan durmuşa geçirilmegine esasy üns berildi.

Şunuň bilen baglylykda, deňze çykalgasy bolmadyk ösýän ýurtlaryň bähbitlerine durnukly ösüş boýunça halkara hyzmatdaşlygynyň esasy ugurlaryny kesgitleýän «Awaza» syýasy Jarnamasynyň we 2024–2034-nji ýyllar üçin Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan ýurtlar boýunça «Awaza» Hereketleriň maksatnamasynyň ýerine ýetirilişi barada pikir alşyldy.

Türkmen tarapy agzalan resminamalaryň düzgünlerini, şol sanda durnukly ulag arabaglanyşygyny ösdürmek, söwda-ykdysady hyzmatdaşlygy giňeltmek, howanyň üýtgemegine durnuklylygy pugtalandyrmak we maliýe serişdelerini çekmek ýaly ugurlary yzygiderli durmuşa geçirmegiň möhümdigini nygtady.

Geçirilýänhowamaslahatynyňçäklerindedeňzeçykalgasy bolmadyk ösüp barýan ýurtlaryň howanyň üýtgemeginiň netijelerine durnuklylygyny ýokarlandyrmak, şeýle hem olaryň häzirki zaman tehnologiýalaryna we halkara howa maliýeleşdiriş mehanizmlerine elýeterliligini giňeltmek meselelerine aýratyn üns berildi.

Şu nukdaýnazardan, türkmen tarapy Merkezi Aziýa ýurtlary üçin Howa tehnologiýalary boýunça sebit merkezini döretmek baradaky başlangyjy hem goşmak bilen, sebit hyzmatdaşlygyny ösdürmäge gönükdirilen başlangyçlaryň ähmiýetini belledi. Bu merkez ylmy-tehnologik hyzmatdaşlygy pugtalandyrmaga we möhüm ekologik meseleleriň çözgüdini tapmaga ýardam bermäge gönükdirilendir.

Duşuşygyň dowamynda BMG-niň Ýokary wekiliniň edarasynyň «Awaza» Hereketleriň maksatnamasynyň netijeli ýerine ýetirilmegini üpjün etmekde, şol sanda agza döwletler, BMG-niň ulgamy we halkara ösüş hyzmatdaşlary bilen özara gatnaşyklary utgaşdyrmakda möhüm orny bellenildi.

Duşuşygyň netijeleri boýunça «Awaza» maslahatynyň çözgütlerini iş ýüzünde durmuşa geçirmek we deňze çykalgasy bolmadyk ösýän ýurtlaryň bähbitlerini ilerletmek maksady bilen, Türkmenistanyň BMG-niň Ýokary wekiliniň edarasy bilen hyzmatdaşlygyny mundan beýläk-de pugtalandyrmaga özara gyzyklanma bildirilýändigi tassyklanyldy.

* * *

Ählumumy ýaşyl ösüş institutynyň (GGGI) ýerine ýetiriji direktorynyň orunbasary, «Ýaşyl ösüş» maksatnamalaryny durmuşa geçirmek boýunça müdirliginiň ýolbaşçysy Malle Fofana bilen geçirilen duşuşykda durnukly ösüş, ýaşyl ykdysadyýete geçmek we howanyň üýtgemegine garşy göreşmek ulgamlarynda hyzmatdaşlygy ösdürmegiň mümkinçilikleri ara alnyp maslahatlaşyldy.

Ýaşyl maýa goýumlaryny çekmek, ekologiýa taýdan arassa häzirki zaman tehnologiýalaryny ornaşdyrmak, energiýa netijeliligini ýokarlandyrmak we gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmelerini ösdürmek meselelerine aýratyn üns berildi.

Türkmen tarapy söhbetdeşini ýurtda daşky gurşawy goramak we howa gün tertibi boýunça durmuşa geçirilýän çäreler hem-de halkara başlangyçlar bilen tanyşdyrdy. Hususan-da, sebit hyzmatdaşlygyny pugtalandyrmaga, tehnologik mümkinçilikleri ösdürmäge we howanyň üýtgemegine uýgunlaşmak boýunça amaly çözgütleri öňe sürmäge gönükdirilen Merkezi Aziýa üçin Howa tehnologiýalary boýunça sebit merkezini döretmek baradaky başlangyç bellenildi.

Duşuşygyň netijeleri boýunça taraplar özara gyzyklanma bildirilýän ugurlar boýunça konstruktiw dialogy mundan beýläk-de ösdürmäge we amaly hyzmatdaşlygyň mümkinçiliklerini öwrenmäge taýýardyklaryny beýan etdiler.





Делегация Туркменистана приняла участие во встрече с Президентом Кыргызской Республики

12 ноября 2026 года в городе Бишкек в рамках второй встречи министров строительства в формате «Центральная Азия – Китай» делегация Туркменистана во главе с Министром строительства и архитектуры А.Гельдиевым приняла участие во встрече с Президентом Кыргызской Республики Садыром Жапаровым.

В ходе встречи были обсуждены вопросы дальнейшего укрепления многостороннего сотрудничества в формате «Центральная Азия – Китай», а также перспективы расширения практического взаимодействия между государствами-участниками в строительной сфере.

Была отмечена возрастающая значимость данного формата как эффективной площадки для развития межгосударственного диалога, реализации совместных инициатив и обмена передовым опытом. Особое внимание было уделено выполнению договорённостей, достигнутых на высшем уровне, а также дальнейшему развитию сотрудничества между профильными министерствами и ведомствами.

В данном контексте подчёркивалась важность проведения отраслевых встреч, способствующих укреплению взаимовыгодного сотрудничества, внедрению современных технологий и продвижению совместных проектов.

Состоялась встреча по вопросам участия Туркменистана в Международной садоводческой выставке «GREEN EXPO 2027»

09 ноября 2026 года состоялась встреча Посла Туркменистана в Японии А.Байрамова с Комиссаром Международной садоводческой выставки «GREEN EXPO 2027», Послом Дж.Шимми.

В ходе встречи были обсуждены вопросы сотрудничества, связанные с участием Туркменистана в Международной садоводческой выставке «GREEN EXPO 2027», которая пройдет с 19 марта по 26 сентября 2027 года в городе Йокогама, Япония.

В ходе встречи стороны обменялись мнениями по вопросам участия Туркменистана в указанной выставке, подписания «Соглашения об участии», подготовки национального павильона, а также организационным вопросам, связанным с участием страны в выставке.

Кроме того, были рассмотрены вопросы проведения в рамках выставки Туркмено-Японского делового форума, а также культурных мероприятий, направленных на представление национальной культуры и достижений Туркменистана.

Материалы подготовлены на основе интернет-источников.